# Barybir

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Barybir

BARYBIR

Barybir hemme zat gutarar bir gün,
Ýat bolarys, o:t almarys öňki dek.
Söýgi bakylyga ediler sürgün,
Şonda wadamyza galmaz şübhe-şek.

Soňlanmadyk goşgy galar gursakda,
Galamyňam söwür çeker, galpyldar.
Bir-biregi görmän oňup ýörsek-de,
Hyýallarda ýatlamalar ýylpyldar.

Şatuduň astyna bararsyň ýeke,
Garamyk gözlermi gözlärsiň tümden.
Aýalmadyk söýgiň yzasyn çeke,
Günäňi görjegňi bilmersiň kimden.

Ýeňleslik dadyňa ýetişer şonda,
Ýeňlän ýaly bolar ýürek agyryň.
Barybir, ah çekip, diýersiň: «Munda
Çyn söýgem deňiňden ötýär ahyryn».

■ BAGYŞLA

Seretsene, göreçlerňi gizleme,
Bir pursat mähirden doýarmyz ýaly.
Öten günler örtemesin ikimiz,
Düýnki bagty duýup gezermiz ýaly.

Ötmesiz günäňem ötüp dur göwnüm,
 Çyn söýgi çyndanam bagyşlar eken.
Onsoňam sen mensiz, oňsomam sensiz,
Adyň ýüregimi nagyşlan eken.

Söýeniňi, söýmäniňi bilemok,
Arman goýma, kalbyň maňa açyp git.
Aýryl meniň ykbalymdan, ýolumdan,
Kesekileň biri bolup, geçip git.

Mundan artyk örtenmäge çakym ýok,
Besdir indi, goý, ýüregmi erkine.
Hatda seni özümdenem gysganýan.
Emma, sen özüňi dözýäň her kime!

Mynasypmy şeýle üýtgeşik söýgä?
Bilemok, nämüçin söýdümkäm seni.
Duzlar basanyňda kesmeklän ýara,
Ýazgarýan ikimiz duşuran güni.

Ýazgarýan özümi şunça mahallap,
Gözlermi ýoluňda goýanym üçin.
Hiç zat baky däl-ä, undaryn belkäm,
Bagyşla, ezizim, söýenim üçin!

■ AÝRA DÜŞÜRME

Kysmata ýazylan bir töwra ykbal!
Adamlyk adymdan aýra düşürme.
Gam-gussany terk etmegi başarýan,
Göwnümiň şadyndan aýra düşürme.

Her hili many bar maňlaý deriňde,
Gadry bolsun gülüň biten ýerinde.
Hoşal men bir ajap söýgi bereňňe,
Şol yşkyň odundan aýra düşürme.

Taňryň bendesi men, kadaňa kaýyl,
Derde ulaşsam-da kä ýarym, kä ýyl.
Düýbüniň düzlügne şükürim taýyn,
Bedende badymdan aýra düşürme.

Sesim goşup ak ýagyşlaň ýagşyna,
Şygyrlar düzeýin Günüň dogşuna,

Gazananym ýarawersin ýagşyma,
Halalja zadymdan aýra düşürme.

Päliýaman, goý, çolaşsyn päline,
Gidirmäwer azanlaryň alyna,
Ylham joşup, şygryýetiň ýoluna
Ädilen ädimden aýra düşürme.

Çyrmaşyk köpelip, nowça solmasyn,
Göwnüme gelenin başa salmasyn.
Gamly gün dost gelsin, duşman gelmesin,
Dostluk kuwwatymdan aýra düşürme.

Halallykdan guýulansoň zandyma,
Wepaly men, atam-enem pendine.
Guwanaýyn bozulmajak andyma,
Ýakyndan hem ýatdan aýra düşürme.

Maýa ÇARYGULYÝEWA.

Goşgular